#77 (99)
вторник, 13 июня 2022 года

# Интернет газета
# Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



## Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasy strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga ygrarlydyklaryny tassykladylar

10-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasyna resmi sapar bilen ugrady. Aşgabadyň Halkara howa menzilinden döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar ugratdylar.

Bu sapar strategik hyzmatdaşlyk häsiýetine eýe bolan hem-de dostluk, deňhukuklylyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan netijeli döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmegiň ýolunda nobatdaky ädim boldy.

Hormatly Prezidentimiziň uçary Moskwa çenli uçuşy amala aşyryp, "Wnukowo-2" Halkara howa menziline gondy. Bu ýerde belent mertebeli myhmanyň gelmegi mynasybetli Türkmenistanyň hem-de Russiýa Federasiýasynyň Döwlet baýdaklary galdyryldy, Hormat garawuly nyzama düzüldi. Howa menzilinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy resmi adamlar garşyladylar.

Bu ýerde belent mertebeli myhmany resmi garşylamak dabarasy boldy. Hormat garawulynyň serkerdesi dabaraly ýagdaýda hasabat berýär. Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Döwlet senalary ýerine ýetirilýär. Dabara Moskwa şäherine bir gün öň gelen ýurdumyzyň Hökümet wekiliýeti hem gatnaşdy. Resmi garşylanyş çäresi Hormat garawulynyň esgerleriniň dabaraly ýörişi bilen tamamlanýar.

Günüň birinji ýarymynda döwlet Baştutanymyz Uly Kreml köşgüne bardy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin mähirli garşylady. Türkmenistanyň hem-de Russiýa Federasiýasynyň Baştutanlary birek-birek bilen dostlukly salamlaşyp, iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde surata düşdüler.

Soňra ýokary derejede ikiçäk görnüşdäki türkmen-rus gepleşikleri geçirildi.

Prezident Wladimir Putin belent mertebeli myhmany mübärekläp, Prezident Serdar Berdimuhamedowyň resmi ýagdaýda öz ilkinji daşary ýurt saparyny Russiýa amala aşyrýandygyny, munuň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň aýratyn häsiýetini nobatdaky gezek ýüze çykarýandygyny, şol gatnaşyklaryň bu ýokary döwlet wezipesinde işläp, ozal uly hyzmatlary bitiren Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň tagallalary netijesinde hakyky strategik derejä çykarylandygyny belledi.

Rus Lideri şu gün hem döwletara gatnaşyklaryň ösdürilmegine degişli örän möhüm resminamalara gol çekiljekdigini nygtap, ähli daşarky çylşyrymlylyklara garamazdan, şu ýylyň birinji çärýeginde ikitaraplaýyn haryt dolanyşygynyň 45 göterim artandygyny kanagatlanma bilen belledi. Bu bolsa öňe tarap örän çynlakaý ädimdir.

Prezident Wladimir Putiniň aýdyşy ýaly, biz ýakynda şanly seneleri, şol sanda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygyny belledik. Şunuň bilen baglylykda, Russiýanyň Baştutany ähli ugurlar boýunça iki ýurduň arasynda ösdürilýän gatnaşyklaryň, hakykatdan-da, strategik häsiýete eýedigini nygtady.

Prezident Wladimir Putin Türkmenistanyň Prezidentini Russiýada görmäge örän şatdygyny belläp, özüniň gowy we hoşniýetli dosty — Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa iň oňat arzuwlaryny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa gelip görmäge çakylygy üçin dostlukly ýurduň Liderine minnetdarlygyny bildirip, şu saparyň döwlet Baştutany hökmünde Russiýa Federasiýasyna ilkinji saparydygyny belledi. Hormatly Prezidentimiz pursatdan peýdalanyp, Prezident Wladimir Putini hem-de onuň üsti bilen dostlukly ýurduň ähli halkyny ýetip gelýän Russiýanyň güni bilen gutlap, parahatçylyk, rowaçlyk, abadançylyk arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Wladimir Putini bu şanly seneler bilen gutlady hem-de türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine we pugtalandyrylmagyna goşan şahsy goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi. Türkmenistanyň Baştutany mähirli kabul edilendigi hem-de myhmansöýerlik üçin rus Liderine minnetdarlyk bildirip, oňa Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi.

Prezident Wladimir Putin hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň Prezidentiniň Russiýa Federasiýasyna şu saparynyň çäklerinde uly işleriň geçirilýändigini belledi. Mälim bolşy ýaly, Hökümet agzalarynyň derejesinde ikitaraplaýyn duşuşyklar guraldy. Rus Lideri şular barada aýdyp, şu gün gol çekilýän Jarnamadan başga-da, bilelikdäki işleriň tutuş toplumynyň döwletara gatnaşyklary ösdürmegiň bähbidine hyzmat etjekdigine ynam bildirdi.

Gepleşikleriň dowamynda döwlet Baştutanymyz syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda strategik hyzmatdaşlyga esaslanýan döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejesini nygtady. Häzirki günde iki ýurduň arasynda halkara resminamalaryň 288-sine gol çekildi. Bu babatda Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda Dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama we Strategik hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama binýatlyk resminamalardyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow söwda-ykdysady gatnaşyklar barada aýdyp, Russiýanyň Türkmenistanyň iň iri söwda hyzmatdaşlarynyň biridigini belledi. Ykdysady hyzmatdaşlyk diňe bir energetika ulgamyna däl, eýsem, senagat, ulag, düzümleýin gurluşyk

***(Dowamy 2-nji sahypada).***

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА НАПРАВИЛ ПОЗДРАВИТЕЛЬНОЕ ПОСЛАНИЕ КОРОЛЮ НОРВЕГИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично искренние поздравления и наилучшие пожелания Королю Норвегии Харальду V и народу страны по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Королевством Норвегия.

Отношения между нашими странами основываются на взаимоуважении, равноправии и обоюдном доверии, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, и выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям туркмено-норвежское сотрудничество будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Королю Харальду V искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Королевства Норвегия – прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ИТАЛЬЯНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Итальянской Республики Серджио Маттарелле и всему народу страны по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Итальянской Республикой.

Подчеркнув, что за годы межгосударственного сотрудничества, которое базируется на принципах равноправия, взаимного уважения и доверия, налажен открытый политический диалог, а также значительно укреплены связи в культурно-гуманитарной области, глава государства выразил заинтересованность Туркменистана в дальнейшем расширении двусторонних отношений.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Серджио Маттарелле искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Италии – прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА АЗЕРБАЙДЖАНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Азербайджанской Республики Ильхаму Алиеву и народу страны по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой.

Как отмечается в послании, за прошедшие годы дружественные связи и взаимовыгодное партнёрство между нашими странами, основанные на общности духовно-культурных ценностей, а также на принципах равноправия и обоюдного уважения, получили достойное развитие и последовательно расширяются.

Отметив успешную динамику взаимодействия в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах, глава государства подтвердил стремление к дальнейшему укреплению и развитию прошедшего испытание временем конструктивного сотрудничества между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Ильхаму Алиеву искренние пожелания крепкого здоровья и новых успехов в работе, а братскому народу Азербайджана – прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ПОРТУГАЛЬСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Португальской Республики Марселу Ребелу де Соузе и всему народу страны по случаю национального праздника – Дня Португалии.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Марселу Ребелу де Соузе искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Португальской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ФИНЛЯНДСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Финляндии Саули Вяйнямё Ниинистё и народу страны по случаю 30-й годовщины установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Финляндской Республикой.

Отношения между нашими государствами основаны на взаимоуважении, равноправии и обоюдном доверии, отметил глава государства и, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям сотрудничество наших стран будет и впредь неуклонно развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Саули Вяйнямё Ниинистё искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Финляндской Республики – прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ГРЕЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично искренние поздравления и самые наилучшие пожелания Президенту Греции Катерине Сакелларопулу и всему народу страны по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Греческой Республикой.

Отношения между нашими странами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, а также выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям сотрудничество наших стран будет и далее развиваться в интересах обоих их народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Катерине Сакелларопулу искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Греческой Республики – прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ФИЛИППИНЫ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Филиппины Родриго Роа Дутерте и всему народу страны по случаю Дня независимости Республики Филиппины.

Пользуясь возможностью, глава государства Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Родриго Роа Дутерте сердечные пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Филиппин – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА НАПРАВИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ ПРЕЗИДЕНТУ ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ИРАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние соболезнования Президенту Исламской Республики Иран Сейеду Эбрахиму Раиси в связи с произошедшим в провинции Южный Хорасан крушением поезда, повлекшим за собой многочисленные человеческие жертвы и увечья.

От имени народа и Правительства страны, а также от себя лично глава Туркменистана передал слова глубокого сопереживания и поддержки в этот тяжёлый момент родным и близким погибших, а также пожелания скорейшего выздоровления пострадавшим.

Интернет газета
Международные новости

# Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasy strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga ygrarlydyklaryny tassykladylar



***(Başlangyjy 1-nji sahypada).***

we beýleki ulgamlara hem degişlidir. Türkmenistan Russiýa Federasiýasyndan awtoulaglaryň, deňiz we awiatehnikalaryň köp mukdaryny satyn almak bilen bir hatarda, Russiýanyň kompaniýalaryna ýurdumyzyň çägindäki iri ykdysady taslamalaryň amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

Medeni-ynsanperwer ulgamdaky bilelikdäki işler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biridir. Ilkinji nobatda, bu bilim, medeniýet we saglygy goraýyş ulgamlaryna degişlidir.

Döwletara hyzmatdaşlykda Russiýa Federasiýasynyň sebitleri bilen gatnaşyklar möhüm orny eýeleýär. Tatarystan Respublikasy, Sankt-Peterburg, Astrahan oblasty we Russiýa Federasiýasynyň beýleki sebitleri bilen ýola goýlan üstünlikli hyzmatdaşlygy muňa mysal hökmünde görkezmek bolar. Şeýle-de parlamentara gatnaşyklar hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi. Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň deputatlarynyň hem-de Russiýa Federasiýasynyň Federasiýa Geňeşiniň agzalarynyň we Döwlet Dumasynyň deputatlarynyň arasynda bu ugurda netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy.

Bu babatda şu ýylyň 12-13-nji maýynda Aşgabatda Merkezi Aziýa döwletleriniň hem-de Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumynyň hem-de zenanlaryň dialogynyň üstünlikli geçirilendigi bellenildi. Parlamentara forum iki döwletiň kanun çykaryjy edaralarynyň arasynda has ýakyn hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy üçin uly mümkinçilik döretdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasy bilen özara hyzmatdaşlyga uly üns berýändigini nygtap, Prezident Wladimir Putini özi üçin islendik amatly wagtda resmi sapar bilen ýurdumyza gelmäge çagyrdy. Bu çakylyk Russiýanyň Lideri tarapyndan hoşallyk bilen kabul edildi.

Gepleşikleriň dowamynda taraplar türkmen-rus strategik hyzmatdaşlygynyň çuňlaşdyrylmagyna ygrarlydyklaryny tassykladylar.

Soňra Uly Kreml köşgüniň «Malahit» zalynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Russiýa Federasiýasynyň döwlet sylagy — “Dostluk” ordeni bilen sylaglamak dabarasy boldy. Prezident Wladimir Putiniň Permanyna laýyklykda, bu ýokary sylaga döwlet Baştutanymyz iki ýurduň arasynda strategik hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna goşan uly goşandy üçin mynasyp boldy.

Rus Lideri bu çözgüdi beýan etmek bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň dostlukly, hakykatdan-da, ýakyn döwletara gatnaşyklary ösdürmekde bitiren hyzmatyny nygtady. Prezident Wladimir Putin Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň bu wezipä saýlanmazyndan ozal hem dürli döwlet wezipelerinde işlän wagtynda, birnäçe bilelikdäki başlangyçlary hem-de möhüm ylalaşyklary işläp taýýarlamaga we durmuşa geçirmäge gatnaşandygyny belledi.

Russiýanyň döwlet Baştutanynyň aýdyşy ýaly, Prezident Serdar Berdimuhamedow bilelikdäki hökümetara toparyň türkmen tarapynyň başlygy bolan wagtynda ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary ilerletmek meselelerini çözmäge işjeň gatnaşdy. Rus Lideri Türkmenistanyň döwlet Baştutanyny bu sylag bilen gutlap, ýurduň durnukly ösüşiniň, onuň raýatlarynyň rowaçlygyny üpjün etmegiň bähbidine iň ýokary döwlet wezipesindäki işlerinde mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw etdi.

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Prezidentine “Dostluk” ordenini gowşurdy.

Döwlet Baştutanymyz rus Liderine hem-de wekiliýetiň agzalaryna ýüzlenip, bu ýokary sylaga mynasyp bolmagyň özi üçin uly hormatdygyny we ony ýurdumyza goýulýan sarpanyň nyşany hökmünde kabul edýändigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasy dostlugyň, hoşniýetli goňşuçylygyň, taryhy gatnaşyklaryň berk binýadyna daýanyp, döwletara gatnaşyklary yzygiderli pugtalandyrýarlar, ykdysadyýet, energetika, ulag, senagat, oba hojalyk ulgamlarynda we beýleki köp sanly ugurlarda hyzmatdaşlygyň bilelikdäki meýilnamalarynydyr maksatnamalaryny amala aşyrýarlar. Ýurtlarymyz öz gatnaşyklarynda aýdyň maksatlary görýärler we bu maksatlara ýetmek üçin hemişe taýýardyrlar. Munuň üçin bizde ähli mümkinçilikler bar.

“Goý, bu ýokary sylag türkmen-rus strategik hyzmatdaşlygynyň, ýurtlarymyzyň we döwletlerimiziň dostlugynyň, hoşniýetli goňşuçylygynyň hem-de hyzmatdaşlygynyň mizemezliginiň ýene-de bir nyşany bolsun!” diýip, döwlet Baştutanymyz minnetdarlyk sözüniň ahyrynda nygtady.

Soňra «Malahit» zalynda ikitaraplaýyn resminama gol çekmek dabarasy boldy.

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Prezident Wladimir Putin Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda Strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hakynda Jarnama gol çekdiler.

Şeýle hem saparyň çäklerinde Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň agzalarynyň Moskwada russiýaly kärdeşleri bilen duşuşyklary we gepleşikleri geçirendiklerini bellemek gerek. Olaryň dowamynda dürli ulgamlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri hem-de geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy. Gepleşikleriň we duşuşyklaryň jemleri boýunça resminamalaryň uly toplumyna gol çekildi.

Şolaryň hatarynda ykdysady ulgamdaky, hususan-da, maliýe-bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyga degişli resminamalar bar.

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasynda daşary ykdysady işe gatnaşyjylar tarapyndan şübheli maliýe amallaryny amala aşyrmagyň öňüni almak, ýüze çykarmak we ýok etmek hakynda Ylalaşyk we Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň arasynda bank gözegçiligi babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Resminamalaryň birnäçesi kommunikasiýa we ulag-logistika ulgamlarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýardam bermäge gönükdirilendir. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň “Türkmenaragatnaşyk” agentligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Sanly ösüş, aragatnaşyk we köpçülikleýin kommunikasiýalar ministrliginiň arasynda aragatnaşyk we maglumat tehnologiýalary babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Ulag ministrliginiň arasynda ulag we üstaşyr çygryndа hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň “Türkmendemirýollary” agentligi bilen “Russiýa demir ýollary” açyk paýdarlar jemgyýetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; “Türkmenistanyň Ulag-logistika merkezi” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen “RDÝ Logistika” paýdarlar jemgyýetiniň arasynda halkara we üstaşyr ýük gatnawlaryndaky hyzmatdaşlyk barada Ähtnama bar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen “Astrahan döwlet uniwersiteti” ýokary bilimiň federal döwlet býujet bilim edarasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; Türkmen oba hojalyk institutynyň Oba hojalyk ylmy-önümçilik merkezi bilen “Şalyçylyk federal ylmy merkezi” federal Döwlet býujet ylmy edarasynyň arasynda ylmy hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty bilen A.N.Kostýakow adyndaky Bütinrussiýa gidrotehnika we meliorasiýa ylmy-barlag institutynyň arasynda ylmy-barlag hyzmatdaşlygy hakynda Ylalaşyk bolsa bilim we ylym ulgamlarynda netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasynda ösümlikleriň karantini babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk oba hojalyk pudagynda özara bähbitli gatnaşyklary pugtalandyrmagy göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Gurluşyk we ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy ministrliginiň arasynda gurluşyk pudagynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Gol çekilen resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasynda sport babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşygy durmuşa geçirmek boýunça 2022 — 2024-nji ýyllar üçin Hereketleriň meýilnamasy bar.

Iki ýurduň goňşy sebitleriniň arasyndaky özara gatnaşyklara hem täze itergi berildi. Türkmenistanyň Türkmenbaşy şäheriniň häkimligi bilen Russiýa Federasiýasynyň “Astrahan şäheri” munisipal guramasynyň administrasiýasynyň arasynda Türkmenbaşy we Astrahan şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak barada Ylalaşyga hem-de Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň häkimligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň Hökümetiniň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-durmuş we ynsanperwer ugurlarda halkara we daşary ykdysady gatnaşyklary amala aşyrmak hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

Russiýaly hyzmatdaşlary bilen türkmen işewürliginiň wekilleri hem duşuşyk geçirdiler. Onuň netijeleri boýunça “Halk market” (Türkmenistan) supermarketleriň söwda ulgamy bilen “Rusagro” (Russiýa) agroholdiginiň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama gol çekildi. Ol işewür toparlaryň ugry boýunça ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary, şol sanda azyk harytlary ulgamynda gatnaşyklary ýygjamlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Gol çekmek dabarasy tamamlanandan soň, iki döwletiň Baştutanlary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Metbugat maslahaty tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Kreml diwarynyň ýanyndaky Aleksandrow bagynda ýerleşýän ýadygärlik toplumyna bardy. Döwlet Baştutanymyz 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda faşizme garşy söweşde janyny gurban eden gahrymanlara sylag-hormatyň nyşany hökmünde Näbelli esgeriň guburynyň ýanyndaky Baky oduň öňünde gül sebedini goýdy.



Günüň ikinji ýarymynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow resmi saparynyň maksatnamasynyň çäklerinde Döwlet Tretýakow galereýasynyň häzirki döwrüň şekillendiriş sungatynyň eserlerinden düzülen bölümine bardy. Russiýanyň milli sungatyna wekilçilik edýän bu iri muzeý toplumynyň binasynda görnüşleriniň we ugurlarynyň köpdürlüligi bilen tapawutlanýan eserleriň uly toplumy bardyr.

Döwlet Baştutanymyz Russiýa Federasiýasyna resmi saparyny tamamlap, Moskwanyň “Wnukowo-2” Halkara howa menziline ugrady. Bu ýerde belent mertebeli myhmany resmi ugratmak dabarasy boldy. Hormat garawulynyň serkerdesiniň hasabatyndan soňra, Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Döwlet senalary ýerine ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow rus tarapynyň resmi wekilleri bilen mähirli hoşlaşyp, Watanymyza ugrady.

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ ГОСПОДИНУ ВЛАДИМИРУ ПУТИНУ, ПРЕЗИДЕНТУ РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

**Уважаемый Владимир Владимирович!**

От имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично от всей души поздравляю Вас и весь народ вашей страны с Днём России.

Традиционно дружественные отношения между Туркменистаном и Российской Федерацией характеризуются высоким уровнем и последовательной динамикой развития и представляют собой подлинный пример взаимного уважения и доверия.

Туркмено-российские межгосударственные связи прошли испытание временем, и в настоящее время двустороннее стратегическое партнёрство между нами неуклонно крепнет во имя процветания наших стран. Мы готовы и в дальнейшем прилагать все усилия для развития наших отношений по восходящей линии.

В завершение искренне желаю Вам, уважаемый Владимир Владимирович, крепкого здоровья, счастья и успехов, а дружественному народу Российской Федерации – благополучия и прогресса.

***С глубоким уважением***
***Президент Туркменистана***
***Сердар Бердымухамедов.***

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ ГОСПОДИНУ МИХАИЛУ МИШУСТИНУ, ПРЕДСЕДАТЕЛЮ ПРАВИТЕЛЬСТВА РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

**Уважаемый Михаил Владимирович!**

Примите мои сердечные поздравления и наилучшие пожелания по случаю Дня России.

Туркменистан и впредь намерен вести с Российской Федерацией содержательный, предметный и доверительный диалог с целью реализации огромного потенциала нашего партнёрства. Отрадно отметить, что за последние годы плодотворное взаимовыгодное сотрудничество между нашими странами вышло на качественно новый уровень. Твёрдо убеждён, что туркмено-российские связи и далее будут неуклонно развиваться и крепнуть на благо наших народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, искренне желаю Вам, уважаемый Михаил Владимирович, крепкого здоровья и счастья, а дружественному народу Российской Федерации – благополучия и процветания.

***С глубоким уважением***
***Президент Туркменистана***
***Сердар Бердымухамедов.***

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2022-nji ýylyň 11-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda resminamalaryň taýýarlanan taslamalaryna hem-de başga-da birnäçe meselelere garaldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi açyp, Hökümet agzalaryny we tutuş halkymyzy ýurdumyzda giňden bellenýän Ylymlar güni bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hökümet agzalaryny we ýurdumyzyň ähli alymlaryny, ylmy jemgyýetçiligiň wekillerini «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda giňden bellenýän Ylymlar güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, uzak ömür, bagt hem-de abadançylyk, ylym ulgamynyň işgärlerine bolsa, ylmy we döredijilik işlerinde täze üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilýän mejlisiniň gün tertibine geçip, ilki bilen Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Soňra Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew täze taryhy eýýamda ýurdumyzda amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň kanunçylyk esaslaryny üpjün etmegiň çäklerinde, milli kanunçylygymyzy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan toplumlaýyn işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz gutlaglar üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de bu çözgüdiň ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygynyň netijeli häsiýete eýe bolýandygynyň aýdyň nyşanydygyny kanagatlanma bilen belledi. BMG bilen däp bolan gatnaşyklaryň üsti her ýylda täze anyk mazmun bilen ýetirilýär. Döwlet Baştutanymyz Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk-de Birleşen Milletler Guramasy bilen, şol sanda parlamentara ugry boýunça özara gatnaşyklary ösdürmek meselelerinde işjeň orun eýelejekdigini nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Muhammedow döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň wekiliýetiniň şu ýylyň 7-nji iýunynda “2018-2028-nji ýyllarda durnukly ösüş üçin suw” atly Hereketleriň on ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen “Ýerli, milli, sebit hem-de global derejede suw serişdeleri ulgamynda hereketleri we hyzmatdaşlygy höweslendirmek” atly Ýokary derejeli halkara maslahatyna gatnaşmak üçin Duşenbe şäherine amala aşyran iş saparynyň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň wekiliýetiniň ählumumy gün tertibiniň örän möhüm meseleleriniň birine bagyşlanan şeýle ähmiýetli foruma gatnaşmagynyň wajypdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow ýurdumyzyň nebitgaz toplumyny maddy-enjamlaýyn serişdeler bilen üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Ýetişdirilen bugdaý hasylyny ýygnamak bilen bir hatarda, gowaçany mineral dökünler bilen iýmitlendirmek we oňa ösüş suwuny tutmak işleri dowam edýär.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow “Türkmenhimiýa” döwlet konserni tarapyndan zawodlaryň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi. Ýurdumyzy senagatlaşdyrmak boýunça geçirilýän işleriň netijesinde, innowasiýa tehnologiýalaryny peýdalanmak arkaly kuwwatly kärhanalar yzygiderli ulanmaga berilýär, münlerçe täze iş orunlary döredilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň himiýa toplumynyň bökdençsiz işledilmegini üpjün etmegiň möhümdigini belledi hem-de pudagyň önümleriniň içeri we daşary bazarlarda uly islegden peýdalanýandygyny aýtdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew “EKSPO-2020” sergisinde Dubaý şäherinde gurlan Türkmenistanyň milli pawilýonynyň binasyny ulanmak barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, koronawirus zerarly dünýäde emele gelen ýagdaýyň kadalaşmagy bilen, ýurdumyzda dürli ugurlar boýunça halkara sergileri guramagy dowam etmek zerurdyr diýip, wise-premýere bu babatda tabşyryk berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa öňde boljak Medeniýet hepdeligine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Toýlyýew Türkmenistanyň ýaş alymlarynyň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň jemleri barada hasabat berdi we döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýaş alymlara döwlet tarapyndan goldaw bermegiň wajypdygyna, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda geçirilýän ylmy barlaglaryň ugurlarynyň artdyrylmagyna we olaryň netijeliginiň ýokarlandyrylmagyna, ýurdumyzyň ylmy-barlag institutlarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň ylmy-barlag mümkinçilikleriniň giňden ulanylmagyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hasabatyň başynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy ýurdumyzda giňden bellenýän Ylymlar güni bilen tüýs ýürekden gutlady.

Bellenilişi ýaly, milli senenamamyzda möhüm orun eýeleýän bu şanly sene milli ylym-bilim ulgamlarynyň ösdürilmegine gönükdirilendir. Häzirki döwürde ýurdumyzda ylmy-önümçilik edaralarynyň, ylmy merkezleriniň we institutlarynyň işiniň döwrebaplaşdyrylmagyna döwlet derejesinde möhüm ähmiýet berilýär. Ylmy barlaglaryň degişli derejede alnyp barylmagy, ylmy açyşlaryň höweslendirilmegi, täzeçil tehnologiýalaryň we dünýäniň ösen tejribeleriniň önümçilige giňden ornaşdyrylmagy möhüm wezipe hökmünde kesgitlenildi.

Bu barada aýtmak bilen, wise-premýer, DIM-niň ýolbaşçysy Türkmenistanyň ylym-bilim ulgamlaryndaky başlangyçlarynyň halkara guramalary, aýratyn-da, ÝUNESKO tarapyndan giň goldawa eýe bolýandygyny aýratyn nygtady we hormatly Prezidentimizi Hökümet agzalarynyň adyndan hem-de hut öz adyndan şanly sene bilen ýene-de bir gezek gutlady.

Şeýle hem wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiz Russiýa Federasiýasyna amala aşyran ilkinji resmi saparynyň üstünliklere beslenmegi bilen gutlady. Saparyň dowamynda iki doganlyk ýurduň arasynda strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hakyndaky Jarnama gol çekildi we hormatly Prezidentimiz Russiýa Federasiýasynyň ýokary döwlet sylagy-Dostluk ordeni bilen sylaglanyldy.

Russiýa Federasiýasyna guralan saparyň çäklerinde ýurdumyzyň Hökümet agzalarynyň, ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň ugurdaş düzümleriň wekilleri bilen duşuşyklary guralyp, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegine gönükdirilen resminamalar toplumyna gol çekildi. Munuň özi ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň hil taýdan täze derejä çykmagyny şertlendirer.

Şeýle hem wise-premýer, DIM-niň ýolbaşçysy Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň başlygynyň orunbasarlygyna biragyzdan saýlanandygy baradaky hoş habary aýdyp, bu şanly waka bilen hormatly Prezidentimizi tüýs ýürekden gutlady. Munuň özi Türkmenistana, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän daşary syýasatyna we umuman ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmeleriň netijelerine ýokary baha berilýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň ştab-kwartirasyndan ýurdumyza hoş habaryň gelip gowşandygyny kanagatlanma bilen belläp, hemmeleri möhüm waka - Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň Başlygynyň orunbasarlygyna biragyzdan saýlanylmagy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, munuň özi Türkmenistanyň alyp barýan oňyn bitaraplyk daşary syýasatynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldaw tapýandygynyň aýdyň şaýatnamasy hökmünde kabul edilýär. Berkarar döwletimiziň alyp barýan hemişelik Bitaraplyk syýasaty Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açdy. Türkmenistan ähli ugurlar boýunça giň gerimli özgertmeleri durmuşa geçirip, işjeň, täze başlangyçlar bilen halkara hyzmatdaşlygy netijeli ösdürmäge uly goşant goşýar.

BMG biziň ýurdumyzyň parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, sebitde we bütin dünýäde ykdysady durnuklylygy pugtalandyrmak, dünýä bazarlaryna energiýa serişdeleriniň ygtybarly iberilmegini kepillendirmek, daşky gurşawy goramak barada we beýleki halkara meselelere degişli öňe sürýän başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde ýardam berýär.

Soňra wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow häzirki döwürde Türkmenistanda hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigi barada aýtdy.

Bellenilişi ýaly, Hytaý Halk Respublikasy Türkmenistanyň Aziýa sebitindäki işjeň we ygtybarly hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar.

Şeýle hem wise-premýer, daşary işler ministri ol ýerde ýurdumyzyň wekiliýetiniň HHR-iň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyzystanyň we Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministrlikleriniň wekilleri bilen duşuşyklary geçirip, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň möhüm ugurlaryny ara alyp maslahatlaşandyklaryny habar berdi.

“Merkezi Aziýa-Hytaý” görnüşindäki hyzmatdaşlygyň çäklerinde, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň wezipeleri kesgitlenildi. Şunda sebitara we halkara howpsuzlygy üpjün etmek, durnukly ösüşi pugtalandyrmak meselelerine möhüm ähmiýet berildi. Maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň hatarynda kesgitlenendigi aýdyldy.

Şeýle hem ýaşlar syýasaty, ylym-bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyk boýunça oňyn çözgütler kabul edildi. Duşuşygyň jemleri boýunça dört resminamanyň kabul edilmegi, duşuşyklaryň netijeli häsiýete eýe bolandygyny aňladýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ygrarlydygyny, döwletimiziň tutuş adamzat ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmek ugrunda hemmetaraplaýyn tagalla edýändigini belledi. Munuň özi ýurdumyzyň halkara giňişligindäki abraýynyň belende galmagy bilen bir hatarda, halklaryň arasyndaky özara düşünişmek we birek-birege hormat goýmak esasynda ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň barha ösdürilmegine giň ýol açýar.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň netijeli döwletara, sebitleýin we sebitara hyzmatdaşlygynyň, şol sanda “Merkezi Aziýa-Hytaý” görnüşindäki gatnaşyklaryň ösdürilmegine hemmetaraplaýyn ýardam berjekdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew ulag toplumynda howpsuzlyk derejeleriniň sanawyny we howpsuzlyk derejelerini yglan etmegiň tertibini taýýarlamak boýunça geçirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ulag toplumynyň bu möhüm ugrunda işleri has-da kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmek barada anyk görkezmeleri berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz dünýäde koronawirus ýokanjy bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň kadalaşýandygyny, köp ýurtlarda halkara gatnawlar üçin giňişligiň açylýandygyny belledi.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Agentligiň ýolbaşçysyna ýakyn wagtda beýleki ýurtlar bilen halkara gatnawlaryny dikeltmek boýunça işleri geçirmegi we onuň netijeleri barada hasabat bermegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy, pudaklaryň ösüşine gönükdirilen resminamalar we olar boýunça zerur çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilýän mejlisini tamamlap, oňa gatnaşyjanlara berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň mundan beýläk-de ösüşiň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş sekretarynyň birinji orunbasaryny kabul etdi

6-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň birinji orunbasary, BMG-niň Durnukly ösüş boýunça toparynyň başlygy hanym Amina Mohammedi kabul etdi.

Türkmenistan BMG-niň ýokary wezipeli wekiliniň ýakynda Täjigistanda geçirilen “Durnukly ösüş üçin suw” atly ýokary derejeli ikinji halkara maslahata gatnaşmak maksady bilen amala aşyrýan iş saparynyň çäklerinde Merkezi Aziýa sebitinde gelen ilkinji ýurdy boldy.

Myhman wagt tapyp duşuşandygy üçin hoşallyk bildirip, BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň mähirli salamyny ýetirdi hem-de diňe bir Ýer ýüzüniň depginli ösýän döwletleriniň biri bolman, eýsem, Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa sebitindäki ygtybarly hyzmatdaşy hasaplanýan Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanda bolup görmek mümkinçiligine örän şatdygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz hanym Amina Mohammedi mübärekläp, BMG-niň ýolbaşçylaryna iň oňat arzuwlaryny aýtdy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan iri halkara guramalar, ilkinji nobatda, döwrüň wajyp meseleleri boýunça netijeli we oňyn gepleşikleri alyp barmaga uly isleg bildirilýän mümkinçilik hökmünde çykyş edýän BMG bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär.

Duşuşygyň çäklerinde söhbetdeşler köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygyň ýagdaýy hem-de geljegi barada pikir alyşdylar, dürli ugurlarda durmuşa geçirilen taslamalaryň onlarçasy şol hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigine şaýatlyk edýär. Şeýle-de 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibiniň çäklerinde bilelikde işlemegiň mümkinçiligi ara alnyp maslahatlaşyldy. Onda beýan edilen wezipeler Türkmenistanyň 2052-nji ýyla çenli durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda kesgitlenen möhüm maksatlara hem-de wezipelere laýyk gelýär.

Söhbetdeşligiň dowamynda Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirip, durnukly ösüşe, Merkezi Aziýada parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyna goşant goşmak bilen, energetika, ulag, ekologiýa, saglyk goraýyş, durmuş hem-de beýleki ulgamlarda häzirki döwürde ähmiýetli başlangyçlaryň birnäçesi bilen çykyş edendigi nygtaldy. Şol başlangyçlar BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalarynda beýanyny tapdy.

BMG-niň Baş sekretarynyň birinji orunbasary Türkmenistanyň amala aşyrýan giň gerimli milli we sebit ähmiýetli taslamalarynyň möhümdigini nygtap, türkmen tarapynyň ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, ulag-logistika ulgamynda giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, serişdeleri oýlanyşykly peýdalanmak, howanyň üýtgemegi hem-de daşky gurşawy goramak ýaly bütin adamzada dahylly wajyp meseleleriň çözülmeginde işjeň orun eýeleýändigi üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi.

Hanym Amina Mohammed tutuş adamzadyň abadançylygynyň bähbitlerine we BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna kybap gelýän däp bolan hyzmatdaşlygynyň çuňlaşdyrylmagyna hem-de yzygiderli ösdürilmegine öz wekilçilik edýän guramasynyň uly gyzyklanma bildirýändigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow alnyp barylýan işlere ýokary baha berendigi üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň strategik taýdan möhüm ugurlarda halkara tagallalara mundan beýläk-de işjeň gatnaşmagy maksat edinýändigini nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz we BMG-niň Baş sekretarynyň birinji orunbasary, BMG-niň Durnukly ösüş boýunça toparyna ýolbaşçylyk edýän hanym Amina Mohammed birek-birege oňat arzuwlaryny aýdyp, uzak möhletleýin, özara ynanyşmak esasynda ýola goýulýan oňyn gatnaşyklaryň üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirdiler.

Интернет газета
Международные новости

## В Нур-Султане завершилось третье совещание Министров иностранных дел формата «Центральная Азия – Китай»



8 июня 2022 года в Нур-Султане, Казахстан, завершилось Третье совещание Министров иностранных дел формата «Центральная Азия – Китай». Об этом сообщает МИД Туркменистана.

В её ходе состоялся конструктивный и заинтересованный многосторонний диалог о ходе и перспективах сотрудничества в данном формате. Среди обсуждавшихся тем особое внимание было уделено необходимости консолидации совместных усилий для обеспечения долгосрочного мира и стабильности, вопросам активизации торгово-экономического и инвестиционного сотрудничества, расширению культурно-гуманитарных связей.

Обращаясь к участникам, Министр иностранных дел Туркменистана Р.Мередов отметил плодотворный ход политико-дипломатического диалога, нацеленного на упрочение стратегического партнерства стран Центральной Азии и Китая, в русле достигнутых главами государств договоренностей.

В этом контексте руководитель туркменского МИД сделал особый акцент на перспективах энергетического и транспортно-коммуникационного взаимодействия по линии Центральная Азия – Китай, отметив готовность Туркменистана к последовательному наращиванию поставок природного газа в Китай через территорию Центральной Азии.

В плане транспортного сотрудничества Р.Мередов отметил обоснованность и реальную возможность налаживания мультимодальных транспортных сообщений из Китая в западном направлении через территорию Центральной Азии. В данном контексте, закономерным выглядит использование возможностей портовой инфраструктуры Туркменистана на Каспийском море.

В ходе встречи также было уделено отдельное внимание афганской проблематике, объединению усилий по борьбе с новыми угрозами и вызовами, совместной работе по преодолению последствий пандемии, ряду других важных вопросов.

По итогам встречи приняты Совместное заявление, Дорожная карта по развитию регионального сотрудничества на 2022-2025 годы, Инициатива об углублении сотрудничества между государствами Центральной Азии и Китаем в области взаимосвязанности, Инициатива по взаимодействию в обеспечении безопасности цифровых данных между Китаем и странами Центральной Азии.

В рамках мероприятия Министр иностранных дел Туркменистана провел встречи с министрами иностранных дел КНР, Республики Казахстан, Кыргызской Республики и исполняющим обязанности министра иностранных дел Республики Узбекистан, в ходе которых обсуждались вопросы двустороннего сотрудничества, региональная и международная проблематика.

## Встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана с спецпредставителем США по вопросам Афганистана



9 июня 2022 года в формате видеоконференции состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Вепа Хаджиева со спецпредставителем США по вопросам Афганистана Томасом Уэстом.

В ходе встречи стороны обсудили вопросы взаимодействия в двусторонних и многосторонних форматах по урегулированию ситуации в Афганистане. В данной связи было подчеркнуто, что Туркменистан активно участвует в этой работе, выдвигая конструктивные предложения и инициативы.

Была отмечена целесообразность выработки консолидированного подхода к обеспечению мира и безопасности в Афганистане и активизации экономического и гуманитарного сотрудничества с этой страной.

## Телефонный разговор Министра иностранных дел Туркменистана с Министром иностранных дел Российской Федерации

6 июня состоялся телефонный разговор Заместителя Председателя Кабинета Министров, Министра иностранных дел Туркменистана Р.Мередова с Министром иностранных дел Российской Федерации С.Лавровым.

В ходе переговоров стороны обменялись мнениями по широкому спектру направлений двустороннего сотрудничества. В частности, был обсужден ход подготовки двусторонних встреч на высоком уровне.

Также главы внешнеполитических ведомств двух стран рассмотрели ряд вопросов, связанные с подготовкой к Шестому Каспийскому саммиту, который состоится в этом году в Туркменистане.

## Телефонный разговор Сопредседателей Межправительственной туркмено-российской комиссии по экономическому сотрудничеству

6 июня состоялся телефонный разговор Сопредседателей Межправительственной туркмено-российской комиссии по экономическому сотрудничеству - Заместителя Председателя Кабинета Министров, Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова и Заместителя Председателя Правительства Российской Федерации Алексея Оверчука.

В ходе телефонного разговора стороны обсудили вопросы, связанные с предстоящим официальным визитом Президента Туркменистана С.Бердымухамедова в Российскую Федерацию.

Кроме того, были обсуждены вопросы дальнейшего упрочения двусторонних связей в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

## The delegation of Turkmenistan took part in the session of the International Labor Conference



On June 7, 2022, the delegation of Turkmenistan headed by the Minister of Labor and Social Protection of the Population of Turkmenistan M. Sylapov took part by videoconferencing in the 110th session of the International Labor Conference.

In his speech, the head of the delegation of Turkmenistan informed the participants of the session about the ongoing work in the country to ensure decent work and socio-economic development. An important role in this process is given to activities to implement the Framework Program for Cooperation in the field of Sustainable Development between the Government of Turkmenistan and the UN, as well as the Plan of Cooperation with International organizations until 2023, providing for the participation of the International Labor Organization in key strategic areas of cooperation.

It was also reported on the adoption in Turkmenistan of the National Program for the socio-economic development of the country until 2052, which outlines the tasks of each of the areas of development for the next 30 years.

In this context, taking into account the above state programs and plans in the field of labor, employment and social protection of the population, Turkmenistan has good prospects to join the governing and other ILO conventions.

## Akina-Andkhoy railway line construction resumed in Afghanistan

In accordance with the agreement signed earlier between the Turkmendemiryollary Agency and the Afghan Railway Organization, engineers and railroad specialists from Turkmenistan arrived on June 5, 2022, in the town of Akina to continue the construction of the Akina-Andkhoy railway line. Turkmen specialists also brought with them all the necessary machinery and equipment.

In the town of Akina, railway workers from Turkmenistan were received by the heads of the Organization of Railways and other departments of the Balkh province of Afghanistan.

As is known, the construction of this railway line with a length of 30 km began on July 25, 2019. However, for various reasons, including restrictions due to the spread of the pandemic, 29 kilometers 200 meters of railway were built. It is assumed that the remaining 800 meters of the railway track will be laid within one month.

## Meeting of representatives of the transport sector of Turkmenistan and the Czech Republic

On June 8, 2022, an online meeting was held between representatives of the transport sector of Turkmenistan and representatives of the Ministry of Transport of the Czech Republic.

During the meeting, the parties exchanged views on the broad range of areas of bilateral cooperation. In particular, issues related to the establishment and strengthening of interaction in relevant specialized areas, such as air and rail transport, were discussed. Special attention was paid to the development of the legal base in the civil aviation sector.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Туркменистан принял участие в заседании Европейской региональной комиссии ВТО ООН*

67-ое заседание Европейской региональной комиссии Всемирной туристской организации ООН прошло в Ереване, сообщает Посольство Туркменистана в Республике Армения.

В сессии приняли участие более 90 делегатов, среди них – глава ВТО Европейского региона, международные спикеры от сферы туризма, журналисты из 40 стран-членов ВТО Европейского региона. Также в работе заседания комиссии приняла участие делегация Туркменистана.

В ходе мероприятия было решено, что следующее 68-е заседание пройдет в Болгарии.

### *В Ашхабаде в день рождения Пушкина возложили цветы к памятнику поэту*

В Ашхабаде, в день рождения Александра Пушкина и День русского языка состоялась церемония возложения цветов к памятнику поэту.

В церемонии приняли участие российские дипломаты, ученики Туркмено-российской школы имени А.С.Пушкина и неравнодушные к творчеству великого поэта ашхабадцы.

### *Туркмено-российское сотрудничество в сфере высшего образования*

Одним из важных направлений стратегического сотрудничества Туркменистана с Россией является сфера высшего образования и подготовки кадров для различных отраслей национальной экономики.

По данным Министерства науки и высшего образования РФ, Туркменистан занимает четвертое место среди зарубежных стран по числу своих студентов в российских вузах. Одним из наиболее популярных среди туркменской молодежи вузов является Казанский (Приволжский) федеральный университет.

### *Туркменские студенты - призеры Универсиады «Ломоносов»*

Трое учащихся отечественных вузов завоевали призовые места в Универсиаде «Ломоносов» по лингвистике, регионоведению и культурологии, организованной Московским государственным университетом им. М.В.Ломоносова. В частности, студенты из Туркменистана отличились в Универсиаде по направлению лингвистики. Второе место завоевала Айнур Джумашова, студентка Туркменского национального института мировых языков им. Д.Азади. Еще два вторых места присуждено студентам Инженерно-технологического университета Туркменистана им. Огузхана – Джумамурату Мурадову и Ходжамурату Оразову. Эти призеры Универсиады показали отличную подготовку по русскому языку. Призеры награждены дипломами вторых степеней.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*